**2022-nji ýylyň 12-nji noýabrynda
Daşoguz agrosenagat orta hünär
okuw mekdebiniň direktory
tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň Bölümleri hakynda DÜZGÜNNAMASY

## I. Umumy düzgünler

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň Bölümleri (mundan beýläk – Bölümler) hakynda Düzgünnama Türkmenistanyň Zähmet kodeksi, "Bilim hakynda" (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyna hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 22-nji oktýabrynda çykaran 2487-nji karary bilen tassyklanan "Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama", şeýle hem mekdebiň Tertipnamasyna laýyklykda işlenip düzüldi;

1.2. Bölümler mekdebiň Tertipnamasyna laýyklykda hereket edýär we edaranyň dolandyryş ulgamynyň möhüm bölegi bolup durýar;

1.3. Bölümler öz işini alyp barmakda Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlaryna we bilim ulgamynyň beýleki kadalaşdyryjy namalaryna, gözükdirijilerine, buýruklaryna, çözgütlerine, görkezmelerine (maglumat üçin iberenleri), şeýle hem mekdebiň Tertipnamasyna esaslanýarlar;

1.4. Bölümler öz alyp barýan işleriniň görnüşlerine baglylykda özara hyzmatdaşlygy amala aşyrýarlar.

## II. Bölümleriň alyp barýan esasy işleri

2.1. Orta hünär okuw mekdebinde esasy hünär bilim maksatnamalarynyň talaplaryna laýyklykda işleriň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek;

2.3. Tertipnamada gadagan edilmedik mugallymçylyk okuw-terbiýeçilik, guramaçylyk, maglumat-usulyýet we beýleki çäreleri durmuşa geçirmek;

2.4. Türkmenistanyň Döwlet bilim standartlarynyň talaplaryna laýyklykda orta derejeli hünär işi üçin ýokary hilli hünärmenleriň taýýarlygyny üpjün etmek.

## III. Bölümleriniň esasy wezipeleri

3.1. Bölümiň ygtyýarlyklaryna laýyklykda, orta hünär biliminiň ýokary hil derejesini üpjün etmek üçin zerur şertleri döretmek bilen bilim işini guramak;

3.2. Orta hünär biliminiň maksatnamalaryny durmuşa geçirilmegini üpjün etmek;

3.3. Orta hünär biliminiň döwlet bilim standartlarynyň talaplarynyň ýerine ýetirilişine hil gözegçiligini amala aşyrmak;

3.4. Zähmet bazarynyň talabyna laýyklykda bilim hyzmatynyň mazmunyny kämilleşdirmek;

3.5. Bilim işini kadalaşdyryjy resminamalary yzygiderli kämilleşdirmek;

3.6. Bölümiň işi barada hasabat berilmegini üpjün etmek;

3.7. Uçurymlar bilen aragatnaşyk guramak, uçurymlary işe ýerleşdirmek boýunça çärelere gatnaşmak;

3.8. Bölümiň işiniň mazmuny we görnüşi, onuň alyp barýan işi bilen kesgitlenýär;

3.9. Bölümler bilim ulgamynda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek maksady bilen innowasion pedagogiki tehnologiýalary, häzirki zaman ylmy pedagogiki gazananlary esasynda işleýärler;

3.10. Bölümler okuw işini, maksatnamalary, talyplaryň işleriniň görnüşlerini we usullaryny gowulandyrmaga, mugallymlaryň hünär ussatlygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen usulyýet, tejribe we seljeriş işlerini alyp barýarlar;

3.11. Bölümler mugallymlara bilim maksatnamalaryny düzmekde we durmuşa geçirmekde ýardam edýärler.

## IV. Bölümleriň işini guramak

4.1. Mekdepde bölümler direktoryň buýrugy bilen Tertipnama laýyklykda, ýokary guramasy bilen ylalaşykda döredilýär, üýtgedilýär we işini bes edýär;

4.2. Bölümler mekdebiň alyp barýan işleriniň ugurlary boýunça döredilýär;

4.3. Bölümler mekdebiň uzak möhletleýin we häzirki iş meýilnamalarynyň esasynda işleýär hem-de oňa laýyklykda okuw ýyly üçin öz meýilnamasyny düzýär we ýerine ýetirýär;

4.4. Bölümiň işgärleri işini mekdebiň direktory tarapyndan tassyklanan wezipe borçlaryna laýyklykda amala aşyrýarlar;

4.5. Bölümlerde iş aýratynlyklaryna laýyklykda at ýazgylary boýunça zerur resminamalary ýöredilýär;

4.6. Bölümlerde işi guramak üçin aşakdaky şertler döredilýär:

– bellenen sanitariýa we arassaçylyk kadalaryna laýyk gelýän we howpsuzlyk hem-de ýangyn garşy enjamlar bilen enjamlaşdyrylan jaýlar;

– dürli enjamlar;
– materiallar we tehniki serişdeler.

4.7. Bölümleriň başlygy we işgärleri (wezipe borçlaryna laýyklykda) alyp barýan işleriniň netijeli ýerine ýetirilmegine, serişdeleriň we emläkleriň abatlygyna maddy jogapkärçilik çekýändirler.

## V. Bölümleri dolandyrmak we ýolbaşçylyk etmek

5.1. Bölümleriň işine umumy ýolbaşçylygy mekdebiň direktory amala aşyrýar;

5.2. Bölümleriň işini dolandyrmaklygy öz wezipe borçlaryna laýyklykda
– direktoryň orunbasary;
– okuw bölüminiň müdiri;
– önümçilik tejribeliginiň ýolbaşçysy;
– baş buhgalter;
– hojalyk bölüminiň başlygy amala aşyrýar.

5.3. Bölümiň ýolbaşçysy:
– okuw işini meýilleşdirýär, gurnaýar we gözegçilik edýär;
– bölümiň işiniň hiline we netijeliligine jogap berýär;
– bölümiň alyp barýan işi barada mugallymlar geňeşinde, ýygnaklarda, maslahatlarda çykyş edýär;
– işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak işini amala aşyrýar.

5.4. Bölümde işleri guramak üçin aşakdaky çäreler ýerine ýetirilýär:
– bölümiň işgärleri bilen ýygnaklar geçirilýär;
– mugallymlar bilen ýygnaklar geçirilýär;
– işgärler bilen söhbetdeşlik geçirilýär.

5.5. Zerur bolsa, bölümleriň ygtyýarlygynyň çägindäki bilim işini öwrenmek we çözgüdi kabul etmek üçin wagtlaýyn seljeriş, döredijilik toparlaryny, birleşikleri we ş.m. döredip bilýär;

5.6. Bölümiň ýolbaşçysy aşakdaky wezipeleri ýerine ýetirýär:

***Guramaçylyk işi boýunça:***
– bölümiň ýyllyk iş meýilnamasyny işläp düzmek;
– gözükdiriji resminamalary, dolandyryş buýruklary we görkezmeleri, mugallymlar geňeşiniň çözgüdini, mugallymlaryň we talyplaryň dykgatyna ýetirmek;
– hasaba alyş we hasabat resminamalarynyň öz wagtynda taýýarlanmagyny üpjün etmek;
– ýarymýyllygyň netijesi boýunça toparlarda ýygnaklary guramak;

– ene-atalar ýygnaklaryny we talyplaryň ene-atalary bilen indiwidual işleri guramak we geçirmek;

– okaýanlary aralyk synaga goýbermek meselesine seretmek;

– bölümiň işleri barada maglumatlary mekdebiň içki portalynda ýerleşdirmek we täzelemek.

***Bilim işi boýunça:***

– bölümde okuw işlerini guramak we gönüden-göni dolandyrmak;

– talyplaryň ýetişigi we gatnaşygy barada hasabatlaryň ýöredilmegini guramak;

– talyplaryň ýetişigi we gatnaşygy barada maglumatlary öz wagtynda hossarlarynyň dykgatyna ýetirmek;

– önümçilik tejribeliginiň ýolbaşçysy bilen bilelikde talyplaryň önümçilik tejribeligini geçişlerine gözegçilik etmek;

– aralyk synaglara taýýarlyk görmek we netijelerini derňemek;

– mekdebiň içki çyzgydyna laýyklykda umumy we amaly sapaklara, hasap synaglara gatnaşmak;

– okuw sapaklarynyň žurnallarynyň doldurylmagyny guramak;

– mugallymlar geňeşiniň işini guramak;

– akademiki bergileri aradan aýyrmak boýunça işleri guramak.

***Terbiýeçilik işi boýunça:***

– talyplaryň içki tertip-düzgünleri berjaý edişlerine gözegçilik etmek;

– toparbaşylaryň işine gözegçiligi amala aşyrmak;

– talyplaryň ýaşaýyş şertlerine gözegçilik etmek üçin umumy ýaşaýyş jaýyna baryp görmek;

– dabaraly çäreleri guramak we geçirmek işlerine gatnaşmak;

– hünär tanyşdyryş işlerine gatnaşmak.

## VI. Bölümleriň hukuklary

6.1. Bölümler berlen işleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin:

– beýleki gurluş bölümlerinden zerur bolan maglumatlary, resminamalary we materiallary soramaga;

– bölümiň ygtyýarlygyndaky meseleleri çözmek üçin üçünji tarap guramalarynyň wekillerini çagyrmaga;

– direktoryň orunbasarynyň üsti bilen direktoryň garamagyna seretmek üçin bölümiň ygtyýarlygyndaky meseleler boýunça teklipleri bermäge;

– bölümiň ygtyýarlygyndaky meseleler boýunça düşündirişleri we

hödürnamalary bermäge.

6.2. Bölümiň ýolbaşçysynyň hukuklary:

– okuw sapaklarynyň we tejribelikleriň ähli görnüşlerine gatnaşmaga;

– topar ýolbaşçylardan bellenen hasabatlary wagtynda tabşyrmagyny talap etmäge;

– okuw sapaklaryna gözegçilik etmegiň ähli görnüşlerine gatnaşmaga;

– mekdebiň okuw işini kämilleşdirmek çärelerine gatnaşmaga.

## VII. Özara hyzmatdaşlyk

7.1. Bölümiň işgärleri ygtyýarlyklarynyň çäginde mekdebiň direktory, direktoryň orunbasary, dolandyryjylar we mugallymlar, okuw kömekçi işgärler we beýleki işgärler bilen bölümiň bilim işi babatda aragatnaşyk saklaýar;

7.2. Bölümiň işgärleri mugallymçylyk we terbiýeçilik işini gowulandyrmak meseleleri boýunça ýygnaklarda, usulyýet birleşmelerde, mugallymlar geňeşlerinde çykyş edýärler we teklipleri berýär;

7.3. Bölümler işiniň dowamynda bilimiň hilini ýokarlandyrmak meseleleri boýunça okuw bölümi, usuly birleşmeler bilen aragatnaşyk saklaýar;

7.4. Bölüm, okuw tölegleri meselesinde hasaphana bölümi bilen aragatnaşyk saklaýar.

7.5. Bölümler talyplary tejribeliklere paýlamak üçin önümçilik tejribeliginiň ýolbaşçysy bilen aragatnaşyk saklaýar.